# Gybat

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gybat GYBAT




Pygamberimiz bir gün ýoldaşlaryna:
– "Gybat nämedir, bilýärmisiňiz?" diýip ýüzlenipdir. "Ony Alla we Pygamberimiz has gowy biler" diýip, beýlekiler jogap beripdirler. Şonda pygamberimiz:
– Gybat ~ bu dogany ýanynda ýok wagty ony kemsidip, ol barada göwnüne ýaramadyk bir zady agzyna almakdyr – diýipdir.
Diňleýänler: "Eger aýdylan kemçilikler doganymda bar bolsa, onda näme?" diýip sorapdyrlar. Onda Pygamberimiz: "Eger aýdan aýybyňyz doganyňda bar bolsa, onda siziň gürrüňiňiz gybat bolýar" diýýär.
Diýmek, gybat bir adamyň arkasyndan onuň gowy görmejek, halamajak zatlary hakynda sözlemekdir. Ol adama töhmet atmakdyr, ynsan hökmünde kemsitmekdir.
Kurany-Kerimde şeýle buýrulypdyr:
"Biriňiz beýlekiňiziň gybatyny etmesin. Beýle ýagdaýda Alladan gorkuň. Alla tobalary kabul eder. Örän dözümsizdir".
("Hujurat" süresi, aýat 12).

- **Ynsan başga biriniň gybatyny näme üçin edýär?**

Uly alym Ymam Gazaly "Gybatyň belli-başly sebäplerinden birisi kinedir. Bir kişiniň başga birine bolan kinesi sebäpli onuň gybatyny etmekden keýp alýar" diýýär. Emma mömin kine saklamaz.

- **Gybatyň başga sebäbi-de göriplikdir**

Aýratyn hem ynsan özünden zor, başarjaň bolan, halk köpçüligiň içinde abraýy, hormaty uly bolan, ylymly bolan kişini onuň

üstünlikleri, artykmaçlygy sebäpli göriplik edýär, ony aýyplamaga çalyşýar. Pygamberimiz musulman doganynyň arkasyndan gybat edenlere kyýamat gününde azap çekdiriljekdigini bildirip, şeýle buýrupdyr:
"Men magraç edilen gijäm (Pygamberimiziň asmana çykarylan gijesi) bir topar adamyň ýanyndan geçdim. Seretsem, olar mis dyrnaklary bilen ýüzlerini we gözlerini dyrnaçaklaýardylar. Men: "Eý, Jebraýyl, bular kimlerdir?" diýip soradym. Jebraýyl aleýhissalam: "Bular gybat edenler, adamlaryň namys we abraýlaryn dokunanlardyr" diýdi. Gybat etmek günä bolşy ýaly, edilen gybaty diňlemek-de günädir. Musulman dogany bir ýerde gybaty edilýärkä, onuň namys we abraýyna dil ýetirilýär, muny diňleýän kişä düşýän wezipe oň garşy bolmakdyr. Çünki bir musulmanyň gany we maly ýaly, abraý-namysy-da dokunylmazdyr.
Pygamberimiz buýurýar:
"Bir kişi doganynyň namys we abraýy hakynda gybat edene garşy çykyp, ony gorasa, Allatagala kyýamat güni ol kişini dowzahdan uzaklaşdyrýar".
Musulman doganynyň arkasyndan gybatyny edip, günä giden kişiniň bu günäden gutulmak üçin toba etmegi ýeterlik bolmaz. Ol hem toba etmeli, hem-de gybatyny eden doganynyň bagyşlamagyny gazanmalydyr. Diňe şeýle edilen wagtynda gybat eden günäsinden gutulyp biler.

Baýram GUMMANOW.

# adalat Jemgyýetçilik tankydy